# Basnýalar

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Basnýalar BASNÝALAR



- **Mata bölejigi**

– Meni reňkläň? – diýip, mata bölejigi ýalbarýar. – Men eýýäm özüme baýdagyň agajyny hem saýlap aldym. Indi meni diňe reňkläýmek galdy.
– Seni haýsy reňke boýaly – ýaşylamy, garamy, mämişämi?
– Meniň reňklerden kän bir başymam çykanok – diýip, mata bölejigi ýygrylýar. – Ýöne meniň baýdak bolasym gelýär.

- **Düwürtik**

Düwürtik keltejik adamyň maňlaýynda oturan ýerinden uzynak adamlaryň maňlaýyna gözi gidýär:
– Wah, şol ýerde ornaşyp bolsady!

- **Deňsizlik**

– Ertirden tä agşama çenli zähmet çekseňem, hiç hili sagbolsun alyp bolanok! – diýip, sagdyn diş zeýrenýär.
– Zaýa dişlere bir serediň, altyndan don geýşip ýörler. Näme

üçin beýle? Ýa olar zähmetde tapawutlanypmy?

Feliks KRIWIN.

Rusçadan terjime eden Nurmuhammet BERDIÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 13.01.1968 ý. Sözler